# Döwletiñ käbir ýagdaýlarda agressiýa baş goşmagy dogrumy?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Döwletiñ käbir ýagdaýlarda agressiýa baş goşmagy dogrumy?
DÖWLETIÑ KÄBIR ÝAGDAÝLARDA AGRESSIÝA BAŞ GOŞMAGY DOGRUMY?



*«T24» kanalynyñ käbir tomaşaçylary Moskwadaky terrorçylykly akty amala aşyrylanlaryñ urlup-ýenjilmegini tebigy taýdan dogry hasaplady*

Makalanyñ adyndaky soragy käbirleri samsyklaç hasaplap biler. Çünki şonsuzam döwletiñ «tertip-düzgüni goramak üçin» dürli agressiw çärelere ýüzlenmäge (güýç ulanmaga) haky bar. Emma bular «kanuny güýç» saýylýar. Ýa-da «hukuk öñüni alyş çäresi we jeza»..

Aýdymçy Ahmet Kaýanyñ «Başym belada» diýen aýdymynda «Kanuny güllesi bilen bir komissar ýakynlap gelýär…» (“Yasal mermisiyle bir komiser yaklaşmakta…”) diýilýän setiri bar.

Elbetde, has medeniýetleşen we demokratik ýurtda ýaşaýan bolsak, gürrüñ birküç sözlemden soñ şuña gelip diremezdi. Döwletiñ agressiýanyñ öñüni almak we gara güýç ulanmaga

zerurlyk duýulmajak ýagdaýda adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin tagalla edýänliginiň gürrüňini edip bilerdik. Emma käbir ýurtlarda…



- **Gara güýje garaşly jemgyýet**

Diňe döwletler däl, jemgyýetlerem agressiýa meýilli bolup bilýär. Taýagyň jennetden çykandygyna ynanýanlar az däl.

Diňe taýakmy? Pyçak, sapança, tüpeň… barsy.

«Umut» fondy geçen ýyl Türkiýede her iki kämillik ýaşyna ýeten erkegiň birinde we her üç öýüň birinde ýarag bardygyny mälim edipdi.

Ýurdumyzdaky resminamasyz ýarag göterýänleriň sanynyň 36 milliona ýetendigi çaklanylýar. Munuň üstüne dört million sany resminamaly ýarag saklap ýörenleri-de goşuň…

Gara güýç ýarag bolmanda-da, el güýji bilenem, iň bolmanda şerraýlap, gohlap ýa-da hökmürowanlygyň has inçe-aýlawly ýollaryny ulanybam meseleleri çözmegiň we gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň ýörgünli usuly bolup gelýär.

Biziň hemmämiz diýen ýaly gara güýji haýsam bolsa bir ýol bilen oňlamaga meýilli adamlar. Maşgala, dost-ýar, okuw, iş gatnaşyklarynda muny «tebigy zat» ýaly, hatda «praktiki» çözgüdiň formasy hasaplap bilýäris. Bu «tebigylyk» bizi barha

«agressiýa garaşly» jemgyýete öwürýär.




- «Terrorçyny urup-ýenjeniñ gowy»

Russiýada geçen anna güni amala aşyrylan gorkunç terrorçylykly aktyñ gürrüñi şindizem ýatyşanok. Hadysanyñ birnäçe tarapy bar.
«T24» kanalynda şişenbe gününiñ «Demirgazyk habarnamasy» («Kuzey Raporu») wideogepleşigimde we geçenki makalamda bularyñ üstünde durmaga synanyşdym. Bularda diñe jogap berip däl, has köp soraglary orta atmaga we üstünde pikir alyşylmaly ýerlerine ünsi çekmäge dyrjaşdym. Munuñ birem ele salynan terrorçylara howpsuzlyk gullugynyñ işgärleriniñ gara güýç ulanmagydy. Terrorçylaryñ biriniñ gulagy kesilip, özüne iýdirilmäge synanyşylýar, beýlekisiniñ jynsy agzalary toga tutulýar. Şeýle-de suduñ zalyndaky suratlardanam olaryñ hemmesiniñ mazaly taýak iýendiklerini bilip bolýar.
Bärde iñ esasy üns bermeli detal – diñe rus howpsuzlyk gullugynyñ terrorçylara gara güýç ulanmagy däl-de, bu epizodlaryñ bilgeşleýin halk köpçüliginiñ dykgatyna ýetirilmegidi. Maksat – terrorçylardan jany ýananlaryñ we nägilelik bildirýänleriñ ýazgarmalaryna amatly «gaharyñy çykarma» şertini döretmekmi, teraktyñ öñüni almak boýunça gijä galynmagynyñ we kemçilikleriñ üstüniñ örtülmegimi ýa-da ýer ýüzüne «serediñ, indi men iki başymy deñledim» signalynyñ berilmegimi, hiç bilibilmedim.
Emma men bu meseläni orta atanymda, käbir diñleýjilerim we okyjylarym maña nägilelik bildirdi. «Bular ýaly wagşyýanalygy amala aşyranlara näme edilse-de azdyr, ol-a urup-ýençmek eken, men bolsam has beterini ederdim» diýen ýaly nägilelikler geldi…
Elbetde, gözümiziñ alnynda amala aşyrylan wagşyýana jenaýat ýa-da terrorçylykly akt bizi-de özümizden geçirip biler. Bize garşy hüjüm eden päliýamana şobada jezasyny bermek isläris. Bular düşünip bolmajak duýguçyl reaksiýalar däl. Emma muny döwlet etse welin, durup pikir etmeli bolýar. Konstitusiýa bar, kanunlar bar, özüniñ hukuk döwletidigini aýdýan kesgitlemeler bar…
Haýsy kanunda «gulak kesme» we «toga tutma» maddasy ýerleşdirilen? Munuñ soñy nirä baryp dirär?
Bu bolup geçenlerden alynmaly birnäçe sapak bar. Emma nähili

netijeleriñ çykaryljagy (Russiýada, Türkiýede, dünýäde) aýry gürrüñ.
Rus jemgyýetinde terrorçylykly hadysa boýunça jedelli gürrüñleriñ iñ köp gyzyşýan ugurlarynyñ birem Russiýanyñ Ýewropa geñeşine goşulmagy bilen baglanyşyklylykda 1997-nji ýyldan bäri ýatyrylan ölüm jezasynyñ täzeden güýje girizilmegi. Özem halkyñ aglaba bölegi şeýdilmeginiñ tarapdary.
Döwletiñ agressiýasy käte agressiw döwleti we agressiw jemgyýeti döretme ähtimallygyny güýçlendirip bilýär.

Hakan AKSAÝ.

«T24» internet gazeti, 30.03.2024 ý. Publisistika